# Unut sen meni

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Unut sen meni UNUT SEN MENI

Unut,
Sen meni unut!
Yrsara,
Saý meni ömür ýagmajak
Bulut,
Unut,
Sen meni unut!

Bahar gelip,
Gapyňyzdan jyklanda,
Meni görjek bolup penjiräňizden
Jyklama, unut!
Käte.ýakyn adamlarňy ýoklaňda,
Meni nätanyş saý,
Ýa-sypdyr gözden,
Ýoklama, unut!
Tolgunma baharyň aýdymlaryna,
Çoýunma tomusa,
Näzik kalbyňy
Otlama, unut!
Parhsyz gara geçen günleň baryna,
Ýum gözüňi, janym, olaň birinem
Ýatlama, unut!

Aldanma sen
Boş hyýallaň alyna,
Dowamy ýok başlangyja guwanma.
Duşdan geçen pursat ýene alnyňa
Gaýdyp geler diýseler-de ynanma.
Gaharlanma,
Çytma gaşyň, aýyp bor,

Hemem bizi giç duşuran ykbala
Käýinme, unut!

Ýöne sen, isleseň, meni aýypla,
Sebäp gözlemäýin özüm aklara,
Kaýyl men, unut!

Kaýyl men,
Gorkak saý, gepe düşmez saý,
Doň ýürekleň hataryna goş meni.
Kaýyl men,
Hökümli bakyşlaryň goý,
Ýandyrsyn, dowzaha etsin duş meni.
Kaýyl men,
Gezeýin nalalar dartyp,
Kalbymdaky ýaralarym, goý, ömür
Bitmesin, unut!
Diňe aýak tozuň gözleme sürtüp
Ýören ýigdiň birden ýüregne şikes
Ýetmesin, unut!

Kyn düşse-de,
Aýralygyň azaryn
Çekip-çydaryn.
Garaz, ýyldyrym dek geçen şo günleň
Begenjin,
Buýsanjyn – baryn
Unutjak borun.

Ýöne olam birden maňa başartman,
Yzyňda ýegşerlip,
Galsam-da, unut!
Seni ömürbaky unutmajagmy
Bilseň-de, unut!

Unut
Şol ýigidiň hatyrasyna,
Saý meni hiç mahal ýagmajak bulut,

Unut!
Sen meni unut!

Italmaz NURYÝEW. Goşgular